# Balam

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Balam Balam

Aglatdyñ, zar etdiñ gül dek jemala,
Görünmedi katdy-çynaryñ balam!
Gülüñ näden ýetişmedi kemala,
Tizden hazan boldy gülzaryñ, balam!

Täze bakjalarda gülüstan erdiñ,
Çyndan, diýsem, jan içinde jan erdiñ,
Bir döwranly, bir dessanly han erdiñ,
Nä bozuldy nagşy nigäriñ balam?

Döwranyñ az boldy aýryldyñ menden,
Bilbil niçik doýsun täze gülşenden,
Niçik ýüz dönderip, aýrylam senden,
Janymda galypdyr armanyñ balam.

Diýdim: »Näzik teniñ simden bezär sen,
Duşman seni görse, bagryn ezer sen»,
Diýdim: »Ogul, ak otagda gezer sen»,
Diýmedim: »Ýer bolsun mazaryñ balam!

Perwana dek çynaryñda ýanar men,
Gowrulyban öz ýagyma ýanar men,
Tä başymdan aýagyma ýanar men,
Başyma urandyr humaryñ balam.

Sahypjemal, aklym galmady serde,
Istäp tapabilmen Asman-u-Ýerde,
Owalda-ahyrda, ruzy-magşarda,
Ýa reb görmek barmy didaryñ balam!

Sahypjemal XX asyr. Goşgular